# Göwnüni awlasym gelýär her kimiň… (Şygyrlar)

Category: Goşgular
написано kitapcy | 4 ноября, 2025



***Georgiý IWANOW,***
***rus şahyry***

***

*Altyn erkinligiň demi ahyr ýelpedi ýüzümi.*
*Güýz Gününden, ýelden,*
*baldan doly howanyň düzümi.*
*Çola bagdan eşidilýär agaçlaryň pyşyrdysy.*
*Jaňlaryny jyňňyrdadyp barýar*
*bir goýun sürüsi.*
*Dar jülgeden akyp barýar*
*süýde çalym edýän duman…*
*Şu agşam Palestinada ýalkym*
*atypdy bir zaman.*
*Asman şu günki deý gökdi,*
*ter otdan doludy her ýer*
*Müsüre eli çagaly baryp ýeten çagy Merýem.*
*Çaganyň gyzgylt ýaňagy,*
*eşek hem üzüm hoşasy…*
*Geçip barýan süri taýdan*

*gelýärdi jaňlaryň sesi.*
*Gözlerin kölegeledip Ýusup garaýardy siňe*
*Tawusa mahsus ýelegin*
*ýygryp öçüp barýan Güne.*

***

*Goňşy penjireler – dumanly salgym,*
*Bägülleri egýän şemal goýazy.*
*Ynanyp bolsady dolup sanaglyň*
*Mümkin däldigine oýanmazlygyň.*

*Tutuş göm-gök bolup duran jennetde*
*Ýok garaşmak diýen hupbatly pişe.*
*Onda aýrylmazdyk birek-birekden,*
*Biz bile bolardyk, düşün, hemişe…*

***

*Aleksandr Sergeýewiç,*
*sizsiz kyn geçýär gündür aý.*
*Siziň bilen otursadym, siziň bilen içsedim çaý.*
*Siz-ä gürrüň bererdiňiz,*
*gulaga öwrülip men hem*
*Siziň her bir sözüňizi gapar*
*otyrdym alman dem.*

*Gün geçdikçe meň gözüme*
*görünýäňiz has hem eziz.*
*Aleksandr Sergeýewiç,*
*siz hem men deý düşüp ejiz,*
*Gam-gussa gark bolupdyňyz,*
*zehiniňiz ýanypdy kän,*
*Men ýaly horlanypdyňyz*
*siz hem beren wagtyňyz jan.*

***

*Ýaşym artdygyça, çaşdykça serim,*

*Islegimi aňlaýaryn şonça az.*
*Arzuw edýän bolsa diýip mülkýerim,*
*Emma elim ýuka, işlerim däl saz?*
*Käte arzuw edýän şan-şöhrat hakda,*
*Şobada hem muny saýýaryn oýun.*
*Erbet hem görmezdim aşmagy hetden,*
*Emma gorkýanymy alýaryn boýun.*

***

*Güýzüň dumanyna göwrämiz gagşap,*
*Öýe tarap howlugýarys dessine.*
*Soňra gün ummanyň güwwüldisine*
*Diň salan deý, diň salýarys durmuşa.*

*Göwnümize gögüň otlukly Güni*
*Bize hemra bolýar çola ülkede.*
*Görnüp gidýär çeşmä tarap meýil eden*
*Türküstanyň günortanky bägüli…*

*Howa sowuk, odun hem ýok bolasy,*
*Gözgyny Aý penjireden garaýar.*

*Ýagyş ýagýar, ýel agajy yraýar,*
*Kalbyň bolsa asla boýun alasy*
*Gelenok hiç etmejegin miýesser,*
*Erkana ýüzmegiň gaplap bir heser.*

***

*Şindi biraz Pawlowsk taýa göz aýlap,*
*Dertden az-maz saplap bilsem ýüregi.*
*Bakylyk hakdaky pikirler näme?*
*Ýok olaryň hiç bir kişä geregi.*

*Gutulgysyz zatdan bilmen gutulyp,*
*Emma bu nurana awgust gününde*
*Biraz söýgi, mähir göresim gelýär*
*Meni söýmeýänleriň her birinde.*

***

*Gämiler kem-kem gark bolup,*
*Çökýärler deňziň düýbüne.*
*Saýýarlar arasy girdap*
*Olary dartmaz demine.*

*Ygşyldysy omelanyň,* **( Omela – hemişe gök öwsüp duran gyrymsy agaç.)**
*Göwnüme edil buz ýaly.*
*Saýýarlardan bakylygyň*
*Howasy ýüzüme uryar.*
*Meniň jahanda ýokdugym*
*Bilen, aýt, kimiň işi bar?*

***

*Dynç güni. Maňa kyn barha almak dem,*
*Barypýatan ýaňra bolaýdym birden.*

*Gelýär bir zatlara nokat goýasym,*
*Hemme aňlar ýaly bir zat diýesim.*

*Dökesimem gelýär okyja içim,*
*Göwnüni awlasym gelýär her kimiň.*

*Ýagşy adamlar kän. Olaň öňünde*
*Başymy egýärin soňky demimde.*

***

*Balykçyň gaýygy çykdy gök deňze,*
*Köpük ýaýrap gitdi gelip deňime.*
*Goňralan şahalar şapak oduna*
*Ynanjaňlyk bilen baş atdy maňa.*

*Guş hem saýramaga başlady birden,*
*Halys irip gaýgy-gussa çekmekden,*
*Ýeke galyp il gözünden uzakda,*
*Gizlenip hiňlenýän zadymyz hakda.*

*Ýyllarboýy siňipdi ol aýdyma*
*Berlen ömrüň gysgalygy adama,*
*Hem çekýän gussamyz biderek ýere*
*Soňra hiç gelmejek zat hakda sere.*

***

*Haýbatdan, gözýaşdan çykmaz netije,*
*Gowgaly gün geçdi, gapyda – gije.*

*Otly Günüň kiparlap dabarasy,*
*Iň soňky şöhläniň ýitdi garasy.*

*Gije düşse uky gelip gözüme,*
*Belki, ýene ömrüm girer düýşüme*

*Hem seniň gözüňde synlajagym nur*
*Eder ýüregimi urmaga mejbur.*

**Rus dilinden terjime eden Orazgylyç ÇARYÝEW**